Ogulbaý Gaýlyýewa, Saýat Jepbarowa

# TÜRKMEN POEMA ESERLERINI OKATMAGYŇ KÄBIR USULYÝETLERI

ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY ÝOKARY WE ÝÖRITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DÖWLET UNIWERSITETI

**Ogulbaý Gaýlyýewa, Saýat Jepbarowa**

# TÜRKMEN POEMA ESERLERINI OKATMAGYŇ KÄBIR USULYÝETLERI

*(Türkmen edebiýatyny okatmak metodikasy dersinden Bakalawr ýönelişi üçin okuw-metodik gollanma)*

NÖKÜS
«BILIM»
2013

UOK 821.512.124
KBK 74.268.7
G-83

**Türkmen poema eserlerini okatmagyň käbir usulyýetleri.** *(okuw-metodiki gollanma).* Nöküs, 2013-njy ýyl, 40 sahypa.

**dots: O. GAÝLYÝEWA,**
**S. JEPBAROWA.**

UOK 821.512.124
KBK 74.268.7
G-83

Iş Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersitetiniň Ylmy-metodiki geňeşiniň 2013-nji ýyl 1-nji fewral 4-nji san protokoly bilen neşire hödürlendi.

Okuw gollanma türki filologiýa kafedrasynda ýerine ýetirildi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ylym we tehnologiýanyň uly ösüş gazanyp gelýändigi hemmämize mälim. Şonuň üçin-de bu günki ylmyň nukdaý nazaryndan seredip, şu okuw-metodik gollanmada bilim mekdeplerinde türkmen poema eserlerini häzirki pedagogik tehnologiýanyň interaktiw usullary bilen okatmagyň käbir meseleleri barlag edilýär.

Okuw-metodik gollanma Berdak adyndaky Garagalpak döwlet uniwersiteti türkmen filologiýa bölümi bakalawr ýönelişinde bilim alýan talyplar üçin niýetlenilýär.

Syn ýazanlar:

**K.Orazymbetow** — Filologiýa ylymlarynyň doktory, professor.
**K.Ýusupow** — Filologiýa ylymlarynyň kandidaty, dotsent Edebiýat nazaryýeti we okatmak metodikasy kafedrasynyň müdiri

**ISBN 978-9943-4182-2-6**

**© «Bilim» nesirýaty, 2013**

# GIRIŞ

Kämil nesil ösüşiň fundamentidir.

***I.A.Karimov.***

Jemgyýetçilik aňyň özgermegi netijesinde bilim ugrunda-da uly öwrülişikler, ösüşler ýüze çykdy. Ösüp gelýän ýaş nesillere dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilim bermek üçin ýurdumyzda bilimlendirmek ugrunda birnäçe reformalar amala aşyrylyp dur. Sebäbi, her bir halk, her bir millet özüniň milli aýratynlygyny hasaba almak bilen terbiýe ulgamyny guraýar we ony döwre görä kämilleşdirýär. Şeýle ýagdaýlary hasaba alyp, türkmen edebiýatyny okatmak metodikasy dersini umumy orta bilim berýän mekdeplerde okatmagy täzeçe gözgaraýyşdan seredip çykmak bü günki günün iň ähmiýetli wezipelerinden bolup hasaplanýar. Mugallym mekdepde türkmen edebiýatyny okatmagyň usullaryny giňişleýin öwrenmegi we geçilýän materialyň nähilidigine seredip sapagyň görnüşini saýlap bilmelidir. Türkmen edebiýatynyň mugallymy edebiýaty okatmak metodikasynyň prinsipial meselelerini, metodik rejelerini öwrenmän, türkmen edebiýatyndan mekdepde sapak bermegi mumkin däl[1]. Şonuň üçinem edebiýatçy mugallymlaryň öňünde uly jogapkärçilikli wezipeler keserlip dur. Sebäbi okatmak bu okuwçylaryň akyl ýetirişini we amaly işini, geçilýän bilimiň mazmunyny özleşdirmäge olary durnukly alyp barýan mugallymyň yzygiderli zähmetiniň, hereketiniň ulgamydyr[2].

Häzirki wagtda bilim ulgamlary üçin döredilýän birnäçe derslikler, usulyýet we okuw golanmalarynyň täze nesilleri ýüze çykdy. Mysal üçin, özbek alymlaryndan Zunnunow A., Tuxliew B., garagalpak alymlaryndan Paxratdinow Ä., Koňyratbaýew A., Sultanow B., Tilegenow A., Ýusupow K., türkmen alymlaryndan Ahally C., Garaýew N., Garaýew Ý., Ýazymow O.[3] ýalylaryň ylmy-metodik işleri bar.

---

[1] Ýazymow O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991., 17-sah.

[2] Garaýew N., Garaýew Y. Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulyýeti.Aşgabat, 2004, 18-sah.

[3] Zunnunow A., Xotamow N., Esonow Ž. Maktabda adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, «Ukituwçi», 1993; Tuxliew B. Adabiýoti ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010; Paxratdinow Ä. Karakalpak ädebiýatyn okytywdyň geýbir metodik mäseleleri. Nökis, 1991; Sultonow B., Tilegenow A., Boýnazarow F. Ýangi pedagogik tehnologiýa asoslari. Toşkent, 2007; Ş.Allaniýazowa, K.Turdybaýew, K. Ýusupow. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011; Garaýew N., Garaýew Ý. Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Aşgabat, 2004; Ýazymow O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991.

Edebiýat mugallymy özüniň iş hyzmatlarynda okuw-terbiýe prosesleriniň ynsanperwerleşmegine, bilim prosesinde her bir okuwçynyň aýratyn, özüne mahsus bolan tebigy-döredijilik mümkinçiliklerine üns bermegi maksada laýyk bolýar. Çeper edebiýat oňat ynsanylyk häsiýetleri terbiýelemekde, durmuş we özara dostluk gatnaşyklary ýokarlandyrmakda, ösüp gelýän ýaş nesilde ýokary ruhy häsiýetleriň şekillenmeginde we ösmeginde uly mümkinçilik berýän duýgulary bilen ünse laýykdyr. Sebäbi bilim bermeguň milli terbiýe bilen utgaşdyrylmagy bilim ulgamyny ösdürmegiň milli maksatnamalarynyň esasy özenini düzýär.

Ine, şeýle pikirlerden ugur alan edebiýatyň aýrylmaz bölegi, onuň uly žanrlaryndan biri liro-epiki eserleri, şonuň içinde poemalary okatmak usulyýeti-de, ýokardaky ýaly printsiplerden ugur alýar. Bu bolsa häzirki zaman bilim we terbiýe prosesiniň üstünliklerine daýanýar. Şunuň üçinem umumy bilim berýän mekdeplerde iri göwrümli eser bolan poemalary okatmak we olary okatmakda interaktiw usulyýetlerden peýdalanmak meselesi aktuallygy ýüze çykarýar. Biz şeýle aktuallygy nazara alyp, bu metodik gollanmada umumy orta bilim berýän mekdeplerde poemalary okatmagyň käbir usulyýetleri hakynda durup geçdik.

Gollanmanyň öňüne goýan maksat we wezipesi-de, şu ýokardaky prinsiplerden ugur alyp, umumy orta bilim berýän mekdeplerde poemalary okatmak usulyýeti, poemalary okatmakda häzirki zaman pedagogik tehnologiýanyň interaktiw usullaryndan ýerlikli peýdalanmak we okuwçylara poemalar boýunça giňişleýin düşünjäni bermekden ybaratdyr. Şonuň üçin biz bu metodik gollanmany ýazan wagtymyzda häzirki zaman pedagogikanyň üstünliklerini, şeýle hem doganlyk rus, özbek, garagalpak, türkmen halklarynyň metodist alymlarynyň ylmy barlaglaryny nazara aldyk.

Bu metodik gollanma okatmak usulyýetinde talyplaryň häzirki pedagogik tehnologiýanyň usullaryndan ýerlikli peýdalanyp, ony amalyýetde gollanyp bilmek ukybyny oýarar we özleriniň pikir-duýgularyny erkin beýan etmeklige gönükdirer diýip umyt edýäris.



## TÜRKMEN POEMA ESERLERINI ÖWRETMEGIŇ YLMY-NAZARY ESASLARY

### Meýilnama:

1. Türkmen poema eserlerini öwretmegiň özüne mahsus häsiýetleri.
2. Poema eserlerini öwretmegiň ylmy we nazary esaslary hakynda.
3. Poema eserlerini analiz etmek usullary.

**Daýanç düşünjeleri:** türkmen edebiýatynda poema žanrynyň özüne mahsus häsiýetleri, poema eserlerini öwretmegiň ylmy-nazary esaslary hakynda maglumat bermek, poema eserlerini analiz etmegiň usullaryny düşündirmek, okuwçylaryň eseri analiz etmek ukybyny artdyrmagyň ýollary barada gürrüň bermek.

Ýaş nesle bilim we terbiýe bermek meselesi adamzat döräli bäri iň bir mukaddes, wajyp iş hasap edilýär. Okuwçylara terbiýe we bilim bermek meseleleri biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, bilim bermek arkaly terbiýelemek ähli ýurtlarda bilim ulgamyndan edilýän ilkinji talaplaryň biridigi hemmämize mälim. Watanymyz Garaşsyzlygy gazanandan soň, syýasy-ykdysady, jemgyýetçilik ugurda birnäçe özgerişler ýüze çykdy. Şeýle hem «Bilimlendirmek hakynda»ky Kanun, «Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy» ýaly bilim ýönelişine degişli hüjjetler täzeden işläp düzüldi. Bu hüjjetler ýaşlara terbiýe we bilim bermegiň täze-täze usullaryny, tehnologiýalaryny işläp düzmegi, öňden bar bolan usullary kämilleşdirmegi, innowasiýalary talap edýär. Şu nukdaý nazardan seredenimizde umumy orta bilim berýän mekdeplerde edebiýat dersini, şonuň içinde poema eserlerini okuwçylara öwretmek we okatmak iň ähmiýetli wajyp meselelerdendir. Şonuň üçin poema eserlerini okadan we öwreden wagtymyzda täze tehnologiýalary, multimedialary ulanmagyň pedagogik, psihologik esaslaryny öwrenmek we işläp düzmek iň wajyp meseledir. Şeýle meseläni mekdep okuwçylaryna türkmen poemalaryndan bilimiň esaslaryny öwretmek üçin ony gündelikli sapagyň dowamynda amala aşyrmak mümkin. Ders dowamynda mugallym çeper poema eserleri boýunça nazary bilim we terbiýe bermekde diňe maksatnamada berlen materiallar we okuw dersliklerindäki taýýar materiallar bilen çaklenip galmaly däldir we ol hemişe gözlegde bolmaly, köp okamaly, gözýetimini giňeltmeli, pedagogik ussatlygyny yzygiderli ýokarlandyryp, ondaky beýan edilen üstünlikleri sapaga girizmekligi zerurdyr. Sebäbi mugallym ilki bilen öz geçjek

mowzugynyň taglymat esaslaryny kämil derejede bilmelidir, okywçylarda oňa bolan söýgüni, gyzyklanmany oýarmagy başarmalydyr. Mugallym tarapyndan saýlap alnan poema eserleri okuwçylaryň bilim derejesi bilen ýaş aýratynlygyna gabat gelmegi we okuwçylaryň dörediјilik ukyplylygyny artdyrmagy zerurdyr. Türkmen poemalaryny okatmak arkaly okuwçylarda estetik we etik, watansöýüjilik, adamkärçilik duýgularyny ösdürip we kämilleşdirip barmalydyrys.

Türkmen edebiýatynyň geçen asyr 50—60-njy ýyllaryndaky poemalary K.Gurbannepesow, B.Hudaýnazarow, G.Seýtliýew we başgalaryň dörediјiligi bilen baglanyşykly ösýär, ideýa-tematik taýdan kämilleşip barýar. Şu orunda şahyr K.Gurbannepesowyň poema eserlerini mekdep okuwçylaryna öwretmegiň käbir didaktik usulyndan peýdalanmaga bolýandygyny seredip geçeliň. Şahyryň poemalary her hili tematikada ýazylypdyr. Onuň «Aýal bagşy», «Ýürek» poemasy, «Gumdan tapylan ýürek», «Ata we ogul» ýaly poemalarynda ynsanyň ykbaly, adamlaryň durmuşdaky ömri suratlandyrylyp, eserde adamkärçilik duýgular beýan edilýär. «Ata we ogul» poemasyny okuwçylara çeper labyzly edip okap bermek usulyndan peýdalanylyp düşündirilse maksada laýyk bolýar. Poemada kolhozçy ýigit Eseniň öz bagtyny özi gurmak ugrundaky göreşi, öz atasynyň nädogry hereketlerine garşy alyp barýan göreşi barada söhbet açýar.

Eseriň baş gahrymany Esen terbiýeli traktorçy ýigit. Ol durmuşa täzeçe göz aýlamagy başarýar. Könäniň köpçülige, aýratynam kakasy ýalylara ýetirýän ýaramaz täsirini duýýar. Eserde göreşiň esasy düwni edilip maşgaladaky garşylyklar alynýar. Eseniň söýgüden we ynamdan doly ýaş ýüregi, egsilmez hyjuwy, ýanbermez gaýraty, jemgyýetçiligiň öňündäki parzy diýip bilýär. Ýagdaýa düşünjeli göz ýetirýän ýaş ýigit ýrgalykdan hem halas[1]. Ol şadyýanlykdan hem paýyny gidermändir. Ine, eserde şeýle gahrymany suratlandyrmakda şahyr obrazlylygy duýup çeper poetik usullardan ýerlikli peýdalanypdyr, eser okyjyny täsirlendirýär. Berlen poemadan tekstiň bölekleri okuwçylara didaktik usulda öwredip, eseriň mazmunyny düşündirýäris. Poemada zähmetsöýerlik, päklik, gözellik meseleleri beýan edilýär. Poemanyň ideýasy okuwçylary zähmet çekmäge, adalatly bolmaga, päklige, kiçigöwünlilige, adamkärçilige çagyrýar. K.Gurbannepesow lirik şahyr bolansoň onuň poemalary goşgy setirleri bilen, poetik taýdan ýeňil, düşnükli ýazylypdyr. Şonuň üçinem, eser okuwçylaryň aňyna öwüt-nesihat analizi arkaly çalt ýetip barýar. Okuwçylara şahyryň poemalaryny öwretmek üçin ilki poemanyň tematikasy hakynda, ikinjiden poemanyň ideýa çeperçiligi, şol esere gatnaşýan gahrymanlaryň häsiýetleriniň aýratynlygy arkaly ýüze çykarylyp öwredilse oňat netije berer. Sebäbi didaktikada öwretmegiň metodlary diýip mugallymyň we okuwçynyň okuw-terbiýeçilik meselelerini çözmäge gönükdirilen

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. Aşgabat, 1982. 134-sah .



işjeňliginiň özara gatnaşygyndaky usullara düşünilýär[1]. Şonda şahyryň her bir poemasy düşnükli we anyk bolup, okuwçylaryň düşünjelerinde uzak saklanyp galar. Ders mugallymy mümkinçiligi boldugyça poemalary şahyryň kitaplaryndan, goşgy ýygyndysyndan mysal alyp, olary terbiýejilik nazardan analizläp okuwçylara öwredip barmalydyr.

K.Gurbannepesow özüniň «Taýmaz baba» poemasynda we «Aýal bagşy» poemalarynda goşgynyň dialog görnüşini ulanypdyr. Bu aydylan usuly şahyr poemadaky aýtjak bolýan pikiri çuňlaşdyrmak, dramatizmi güýçlendirmek maksadynda ulanýar. Şahyr haýsy usuly ulansa-da poemalarynyň okyja täsirli bolup çykmagyň tarapyny gözleýär. Esem okuwçy haýsy wagtda bu pikirleriň manysyna düşünmeýär. Birinjiden, okuwçy şahyryň poemalarynyň tekstini görmedik bolsa, ikinjiden poemanyň ideýa-tematik ýönelişini bilmese, üçünjiden, poemadaky dialog diýen termini düşünmese. Şonuň üçin ders mugallymy şahyryň poemalary we goşgular ýydyndysy boýunça her bir poemasynyň terbiýeleýjilik häsiýetini analizlemeli we okuwçylara düşündirmelidir. Şeýle hem poemalar çeper okaýyş, labyzly okaýyş usuly bilen öwredilende şahyryň goşgular ýydyndysy hökmany gerek bolýar.

Okuwçy öwrenilýän poema eseriniň ideýa-mazmunyny, eserdäki lirik gahryman we epik gahrymanlaryň iş-hereketlerini, gylyk-häsiýetini dogry düşünip, eseriň wakasy we gahrymanlaryny suratlandyrmakda şahyryň ulanan suratlandyryş usullaryny tekstden dogry görkezip bilmegi lazymdyr[2].

Sapak dowamynda poema eserlerini, olardan alnan parçalary, bölejikleri täsirli okamak, ýatlap almak, ýaly usullaryndan hem peýdalanmak mümkindir.

Belli özbek alymy B.Tuhliýew «Ähli analizler üçin goýulýan esasy talap – ylmylykdyr. Real nazary esaslara, çeper-estetik logikanyň talaplaryna jogap berip bilýän analiz okuwçynyň hakyky kömekçisi bolup bilýär»[3] — diýip dogry belleýär.

Edebi eserleri analiz etmekde olaryň žanr we görnüş häsiýetleri aýratyn ähmiýete eýe. Eseriň žanr we görnüşi ony analiz etmeklige mahsus bolan metod we usullaryň bellenilmegine esas bolýar[4].

Edebi eseri analiz edenimizde eseriň kompozisiýasyna, wakanyň suratlandyrylyşyna, çeperçiligine uly üns bermelidiris. Şu nukdaý nazardan metodist B.Tuhliýew analiziň dowamynda okatmaklygyň her hili usullaryndan peýdalanylyp, olardan esasysy edip «edebi labyzly, çeper okaýyş»[5] aýratyn ähmiýete eýe diýip

[1] Ýu.K.Babanskogo, I.D.Zvereva Z.I.Mokoszona. Metody obuçeniýa v sovremennoý şkole. M., 1980,122-sah.

[2] Şol ýerde, 57-sah

[3] Tuhliýew B. Adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010, 47-48-sah.

[4] Tuhliýew B. Adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010, 47-48-sah.

[5] Tuhliýew B. Adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010, 69-sah.

belleýär. Hakykatynda-da, poema eserlerini öwrenenimizde bu usulyň örän uly ähmiýeti bar. Şeýle usulyň-da öz kadasy bar. Mysal üçin, labyzly çeper okamaga taýýarlyk görlende, eseriň ideýa mazmuny, gurluşy çeperçilik serişdeleri öwrenilýär. Şeýlelik-de, okuwçylaryň eseri çeper, labyzly okamak üçin diňe bir okamak tehnikasyny bilmegi ýeterlik däldir. Okuwçy oňa doly düşünmeli. Şonda ol eseri labyzly okap biler. Diňe labyzly okalan tekst okuwçylary tolgundyryp, olara güýçli emosional täsir edip biler. Şeýle hem labyzly okamak okuwçylaryň söz baýlygynyň artmagyna we ýazuw diliniň kämilleşmegine-de täsir edýär. Çeper eseri okamagyň özboluşly aýratynlyklary esasan labyzly okuw arkaly ýüze çykarylýar, ýagny, poemalaryň ählisini her hili äheňde okamaga bolýar. Diýmek, her bir poeme eseri mugallym we okuwçy tarapyndan dürlüçe okalmaly we derňelmelidir. Eser okalanda ondaky gahrymanlaryň özlerini alyp baryşlarynyň gylyk-häsiýetleriniň oňaýly ýa oňaýsyz taraplaryny okuwçylaryň özleriniň düşünmegini gazanmak gerek. Sebäbi öwrenilýän, okalýan eserdäki ideýa mazmun durmuş bilen baglydygyna okuwçy oňat düşünse, diňe şonda edebiýatyň terbiýeçilik ähmiýeti ýüze çykýar. Okuwçy eseri okamak bilen birlikde özüni alyp barşy, tertip-düzgüni barada hem oýlanýar. Munuň üçin, mugallym çeper eseriň üstünde okuwçylaryň mümkingadar özbaşdak işlemegini gazanmaga çalyşmalydyr. Okuwçylaryň çeper eseriň üstünde özbaşdak işlemegi, olara çeper eseriň ideýa mazmunyny gowy kabul edip almagy, ony öz şahsy tejribesi bilen deňeşdirmegi adamzat jemgyýetindäki gowy we erbet zatlara düşünmegini öwredýär. Sapakda esasy punkt hut okuwçynyň işjeňligini gazanmaga onuň döredijilik başarjaňlygyny we estetik duýgusyny ösdürmäge gönükdirmelidir. Bu talaby amala aşyrmakda esasy usul tekst okalandan soň geçirilýän gürrüňdir[1].

Ýokardakylardan ugur alyp, poema eserini labyzly okamak sapagynda labyzly okalyşyň şeýle meýilnamasyny hasaba almak bolar.

1. Giriş sapagy. Munda okaljak eseriň okuwçylar tarapyndan dogry düşünmegi üçin zerur maglumatlar getirilýär.

2. Teksti mugallymyň labyzly okap bermegi.

3. Eseriň mazmunyna düşünmek, kabul edip almak. Eseriň böleklerini okamak bilen bir wagtda gürrüň geçirmek, okalany dilden aýdyp bermek, kompozisiýasyny teswirleme ýollaryny derňemek arkaly eseri öwrenmek.

4. Eseri bölekler boýunça labyzly okamagy synag etmek.

5. Mugallym ýa okuwçylar tarapyndan jemleýji okamak.

Mugallymyň umumylaşdyrmagy, netiže çykarmagy, sapagy ýokardaky ýaly geçirmek tertibi okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna taýýarlyklaryna öwrenilýän eseriň

---

[1] Nyýazow S.Sözleýşiň labyzlylygy. "Türkmen dili" gazeti, 2001-nji ýyl 14-nji fewral sany



möçberine mazmunyna we formasyna göz öňünde tutulan maksada laýyklykda üýtgäp bilýär.

Okuwçylaryň labyzly okap bilmeklerini gazanmak üçin, ilki bilen mugallymyň özi okadyş ussatlygyny sistematik kämilleşdirmelidir. Her halatlarda mugallym okuwçylara labyzly okalyşyň göreldesini görkezmäge borçludyr. Ol poema eserlerini çeper labyzly okamaklyga geçmezden öň her taraplaýyn pugta taýýarlanmalydyr. Mugallym sapaga taýýarlananda berlen poema eseriniň tekstini birnäçe gezek okaýar. Eserdäki manyny pugta özleşdirýär. Şeýle taýýarlykdan soň ol teksti labyzly okap biler, labyzly okuwa taýýarlanmak sapakda okuwçylaryň ünsüni nämä çekjekdigini olara nähili soraglar berjekdigini, gürrüňi neneňsi geçirjekdigini öňünden kesgitlemäge mugallyma mümkinçilik berýär[1]. Meselem, ýokary synplarda K.Gurbannepesowyň «Taýmaz baba» poemasyny okamaklygyň dowamynda ýazyjynyň, şahyryň saýlap alan žanrynyň özüne mahsus häsiýetleri düşündirilmese, okuwçylar bu eseriň, poemanyň asyl mazmunyny, onda nazarda tutulýan çeper-estetik mazmunyň mańzyny çakyp bilmeýärler. Netijede olardaky hakyky çeperçilik ýüze çykarylmaly, olar okuwçylaryň aňyna ýetip barmaly, olaryň kalplarynda degişli duýgularyň peýda bolmagyny gazanmalydyr. Şeýle hem poemalary labyzly okamagyň dowamynda «Sinkweýn» (5 setir) metody bilen bagly ulanmaga hem bolýar.

«Sinkweýn» (5 setir) tehnikasy şeýle: Çeper okuwy düşündirmek

Sinkweýniň düzülişi:

1-setir — okuw

2-setir — çeper okaýyş

3-setir — çeper okaýşyň intonatsiýasy

4-setir — çeper okaýşyň punktuasiýa belgileri

5-setir — täsirli okaýyş.

Çeper tekstiň üstünde işlemegiň dowamynda okuwçylar poemalaryň poetik manysyny düşünip alýarlar we onuň mazmunyny analizleýärler, mowzugyň analizine üns berýärler, suratlandyrylýan waka-hadysalar, gahrymanlar we umuman, poema eserindäki wakalaryň ösüşine awtoryň gatnaşygyny anyklamaga hereket edýärler[2].

Pedagogikanyň talaplaryna laýyklykda synplarda geçilýän poemalaryň her birine aýratyn analiz edilmelidir. Sebäbi, käbir türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň döredijiliginde birnäçe poema eserleri bar. Emma olaryň her biri özbaşdak ideýany, özbaşdak many-mazmuny, çeper-estetik maksatlary suratlandarmaga gönükdirilendir. Şu nukdaý

---

[1] Nyýazow S. Sözleýşiň labyzlylygy. "Türkmen dili" gazeti, 2001-nji ýyl 14-nji fewral sany

[2] Ýazymow O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991, 65-sah.

nazardan seredip, mugallym bu ýagdaýlary edebiýat sapaklarynda poemalary okatmagyň dowamynda okuwçylara düşündirip geçmelidir.

Poemalary analiz edende okuwçylaryň edebi taýýarlygy esasy orunda durýar. Meselem, umumy orta bilim berýän mekdepleriň ýokary synplarynda K.Gurbannepesowyň «Aýal bagşy», «Taýmaz baba», «Gumdan tapylan ýürek» poemalaryny öwrenmeklik maksat edilen bolsa, munuň üçin ilki K.Gurbannepesowyň ömri we döredijiligi öwrenilse, onda şahyryň edebi mirasy, bu mirasyň diňe bir türkmen edebiýatynyň ösüşinde däl, eýsem, umumy türki edebiýatyň taryhynda-de, dünýä edebiýatynyň taryhynda-da yz galdyrandygy bellenilýär. Soňra şahyryň poema ýazmakdaky ussatlygy gürrüň berilýär we onuň birnäçe poemalarynyň atlary aýdylyp geçilýär. Soňra şahyryň poemalarynyň temasy, ideýasy we çeperçiligi analiz edilýär.

Okuwçylar poemadaky mazmuna düşünip bolansoň, onda beýan ediilen zähmetsöýerlige uly höwes bilen garaýarlar. Şeýlelikde bu poemalar okuwçylara estetik we poetik täsir edýär. Mysal üçin:

Çäwiş ýaly asyljyrap
Zurruh öýün işiginde.

*(«Taýmaz baba», 37-sah.)*

Ýa-da bolmasa şahyryň «Gumdan tapylan ýürek»[1] poemasyndaky terbiýeleýjilik setirlerini duşündirenimizde–de şeýle didaktik äheňleri görýäris.

K.Gurbannepesow esasan, ösüş taryhymyzda duýarlykly yz galdyran wakalara, şol wakalarda esasy rol oýnan adamlaryň tiplerine, özboluşly häsiýetlere, durmuşda giň orun alan pursatlara, ýagdaýlara ýüzlenýär. Awtoryň «Gumdan tapylan ýürek» (1965) atly poemasy hem şony tassyklaýar. Zähmetkeş maşgalasynda gowy terbiýe alyp, asuda sähralarymyzda, gum gerişleriniň ulgamlary ýaýrap giden ginişliklerimizde ösüp ýetişen sypaýyçylykly türkmen gyzlarynyň çekinjeň ýüreginiň, özünde saklaýan baýlygynyň çäksizdigi diňe bir şahyra ýa-da ýazyja däl, hemmelere mälim.

K.Gurbannepesow «Gumdan tapylan ýüreginde» şol basyrylgy hazynalaryň biri barasynda gürrüň berýär. Onda indi boýy ýeten, arzuw-hyýaly bişişen ene-atasyz gum gyzynyň uruş ýyllarynda başyna düşen horluklar, aňsat eklenjiň kül-külüne düşen betnebis gelnejesiniň onuň daşynda guryan hileleriniň, mekirlik bilen tylda saklanan, gulluga alynman galan, naýynsap erkeksumaklaryň gödek isleginden ugur alyp uzadan nejis elleriniň döreden pes gylyklary, Gülnäziň öz namysyny gorap görkezen gahrymançylygy, ýanbermez erki, çäksiz söýgüsi we belent ynanjy, adamlaryň oňa beren kömegi hem-de bularyň öňki kynçylyklary ýeňip üstün çykyşy

[1] Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982, 140-sax.



bilen okyjy birme-bir tanyşdyrylýar. Netijede, çözgüdi näbelli galan şol tagdyryň eýesi gumly gyz Gülnäziň obrazy onuň aňyna hemişelik ornaşýar.

«Gumdan tapylan ýurek» atly poemanyň gahrymany Gulnäziň uruş ýyllarynda başyna düşen gun «Ajy günler, süýji günlerdäki» Bugra çopanyň Ogulmeňliniňkiden her taraplaýyn tapawutlanýar. Ogulmeňli urşuň agyr şertleri başyna düşüp, kynçylyklary köpüň biri bolup çekýär. Çölde hossarsyz galan, özboluşly şertlerde ýaşan we göreşen Gülnäziň obrazynyň welin, adamyň kuwwatynyň, erkiniň, azatlyga bolan isleginiň çäksizdigini ýaňzydan göçme mana eýe filosofiki äheň bar. Onuň näz-kereşmeli gyz halyna tas ýekelikde diýen ýaly agyr şertlerde ýaşamagy we päsgelçiliklere seretmezden, maksadyna tarap gyşarnyksyz göni gitmegi şol pikiri ýeterlik tekrarlamaga kömek edipdir.

Durmuşa, onuň dürli taraplaryna umumy esasda akyl ýetirmäge synanyşmak, tejribäň, esasy käriň bilen baglanyşykly işlere, hadysalara ser salmak olar hakdaky pikirini aýtmak poemada uly orun alypdyr[1].

Ine, şeýlelikde okuwçy poemany okamak arkaly birinjiden durmuşyň agyr şertlerini, ikinjiden urşuň agyr zerdaby bilen tanyş bolýar. Şeýle hem olaryň göz öňünde geçen döwürlerdäki urşuň gazaply günleri, halkyň gynançly tagdyry göz öňüne gelýär we özleriniň şu günki, ýagny Garaşsyzlyk zamanasynda ýaşaýan parahatçylykly durmuşlaryna buýsanýar we guwanmak duýgusy oýanýar. Poemanyň uly üstünliklerinden biri baş gahryman Gülnäziň we onuň başyndan geçiren kynçylykly günleriniň wakalaryny suratlandyrmakdan ybaratdyr. Baş gahrymanyň gaýduwsyz öz tagdyry üçin özi göreşmeginiň ynamly suratlandyrylmagy okuwçylarda gaýduwsyzlyga bolan ynamy oýarýar. Poemanyň mazmuny okuwçylarda uly täsir galdyrandygy sözsüz. Seýle diýmegimiziň sebäbi okuwçylar poemany okamak arkaly zähmet bilen, päklik bilen öz niýetiňe ýetip boljakdygyna düşünip alýarlar.

Şonuň üçin hem, poema eserleri ýaşlary terbiýelemekde özüniň täsirini ýetirýär. Sebäbi ýokarda mysal getiren şahyrymyz K.Gurbannepesowyň «Gumdan tapylan ýürek» poemasynda türkmen halkynyň Milli psihologiýasy, adamkärçiligi, ruhy dünýäsiniň giňligi we gözelligi hakynda duýgularyň giňişleýin suratlandyrylandygyny görýäris. Estetik terbiýe öňi bilen adamyň duýgularyny kämilleşdirmekden başlanýar. Şonuň üçin poemalar estetik duýgynyň, onuň özüne mahsus aýratynlygyny, onuň kämilleşiş ýollary bilen ösmegine, manysy hakynda dogry düşünjä eýe bolmakda örän ähmiýetlidir. Estetik terbiýäniň poema eserlerindäki umumy wezipesi gözellige, durmuşy gözelligiň kanunlary bilen görüp bilmek ukyplylygy bilen talabynyň ösmeginden ybaratdyr[2]. Poema eserlerinde duýgular, pikirler bildirilýär, beýan edilýär,

[1] Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982, 142-sax.
[2] Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982, 142-sax.

durmuş okyjynyň göz öňünde diňe bir ýazyjynyň suratlandyrylyşy ýaly gahrymanyň başyndan geçiren wakalary esasynda göz öňümize gelýär. Şonuň üçinem, poema eserlerini öwrenmegiň dowamynda okuwçylara estetik terbiýe bermekde mugallymdan uly jogapkärçilik talap edýär. Türkmen metodist mugallymy J.Şyhyýew «Ýaş mugallymyň işiniň özboluşlylygy» atly makalasynda mugallym adyny alýan şahsyýetleriň öňünde şeýle dogry meseläni goýýar. Biz şu ýerde şol meseläni göni dolugy bilen bellemegi makul bildik: «Öz okadýan dersiniň ylmy-taglymat esaslaryny düýpli bilmäge we okadýan dersi bilen baglanyşykly ylmyň ösüşiniň taryhyny we onuň häzirki zaman gazananlaryny okuw işinde ýerlikli peýdalanyp bilmegi; okuwçylarda bilim almaga bolan höwesi, endigi we başarjaňlygy kemala getirmäge; okatmakda dürli usullardan, serişdelerden, tärlerden ýerlikli peýdalanmaga; okuwçylaryň psihologoki, ýaş we özboluşly aýratynlyklaryny nazarda tutmaga; mekdep okuwçylarynyň şahsyýetiniň dürli tarapyny kämil derejede ösdürmäge çalyşmalydyr»[1]. Bu meseläni mekdep okuwçylaryna poema eserlerini öwretmegiň dowamynda-da hasaba alanymyzda örän jüpüne düşerdi diýip pikir edýäris Bu bolsa öz gezeginde ýaş nesli terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

### Soraglar we ýumuşlar

1. Metodika predmetiniň maksady nämeden ybarat?
2. Poemalary okatmagyň ylmy-nazary esaslary nämelerden ybarat?
3. Türkmen poemalaryndan haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Poema eserleriniň nähili terbiýejilik ähmiýeti bar?
5. Poema eserlerini öwretmekde nähili usulýetlerden peýdalanmaga bolar?

### Edebiýatlar


1. *Garaýew N., Garaýew Y.* Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulýýeti. Aşgabat, 2004.
2. *Nyýazow S.* Sözleýşiň labyzlylygy. "Türkmen dili" gazeti, 2001-nji ýyl 14-nji fewral sany
3. *Tuhliýew B.* Adabiýoti ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010.
4. Türkmen edebiýatynyň taryxy. Aşgabat, 1982
5. *Ýazymow O.* Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991.


[1] Şyhyýew J. Ýaş mugallymyň işiniň özboluşlylygy. «Bilim» jurnaly, 2011-nji ýyl, 4-nji san, 58-sah.



## TÜRKMEN POEMA ESERLERINI ÖWRETMEGIŇ METODIKASY

### Meýilnama:

1. Türkmen poema eserlerini öwrenmek we öwretmekde interaktiw usullardan peýdalanmak meselesi.
2. Pikir alyşmak sapagyny geçirmegiň usullary hakynda.
3. Poema eserlerini konferentsiýa sapagy arkaly geçmegiň usulýýeti barada.

**Daýanç düşünjeleri:** türkmen poema eserlerini öwretmegiň usullary, olary öwretmekde häzirki zaman interaktiw metodlardan peýdalanmak meseleleri, poema eserlerini öwretmekde pikir alyşmak sapagyny geçirmek usullary barada, poema eserlerini öwretmekde konferensiýa sapagyny guramak metodlary hakynda düşünjeler bermek.

Ýokarda belläp geçişimiz ýaly mugallymçylyk käri döredijiligi we hemişe gözlegde bolmagy talap edýär. Şeýlelikde her bir mugallym öz üstünde we her bir geçýän sapagyny içgin derňemek bilen köp işi alyp barmaly bolýar. Şunuň bilen birlikde ol okuwçylary okatmak, terbiýelemek we umumy ösüşinde pedagogik hyzmatdaşlygyň maksadyna, wezipelerine düşünmäge, okuwçylaryň biliminiň we terbiýeliliginiň derejesini kesgitlemekde pedagogik-anyklaýyş usullaryny ýerlikli peýdalanyp bilmelidir[1].

Türkmen edebiýatynda poemalary öwrenmek okuwçylaryň agzeki sözleýşi we ýazuw endiklerini, bilimini çuňlaşdyrmakda iň ähmiýetli usullaryň biridir. Şonuň üçin poemalary öwrenenimizde häzirki zaman pedagogikanyň birnäçe interaktiw usullaryndan ýerlikli peýalanyp bilsek, onda garaşylan netijäniň menziline ýetip bileris. Ýagny bu metodlar okuwçylaryň türkmen poemalaryna bolan gyzyklanmasyny artdyrmaga kömek eder.

Ilki bilen maksatnamada berlen poema boýunça materiallaryň göwrümini we sagadyny anyklmak zerurdyr. Soňra geçiljek sapagyň görnüşini, onda ulanyljak interaktiw usullary anyklamalydyr. Häzirki pedagogikanyň üstünlikleri boýunça pikir alyşmak sapagy, ýagny disput sapagy mowzugy öwretmekde örän oňaýly usullaryň biri hasaplanýar. Bu metod hakkynda garagalpak metodisti filologiýa ylymlarynyň kandidaty K.Ýusupow şeýle düşündiriş berýär: «Pikir alyşmak sapagynyň maksady, wezipeleri, basgyçlara bölmek usullary, olary bahalandyrmak meselesini ilki ders mugallymynyň özi belläp almalydyr. Sapagyn gurluşy başga sapak görnuşleri ýaly

[1] Şyhyýew J. Ýaş mugallymyň işiniň özboluşlylygy. «Bilim» jurnaly, 2011-nji ýyl, 4-nji san, 59-sah.

geçilýär. Emma sapakda berlen material boýunça giňräk pikir alyşmaklyk amala aşyrylýar. Şonuň üçin täze mowzugyň basgançagynda wagty köpräk oňa berýäris»[1].

Metodistiň pikirlerine daýanyp XX asyr türkmen edebiýatynyň 1940-1941-nji ýyllarynda döredilen poema eserlerini pikir alyşmak sapagy arkaly öwretmegiň meýilnamasyny şeýleräk gursak bolar diýip pikir edýäris.

**I. Sapagyň görnüşi:**

Okuwçylar bilen pikir alyşmak (disput sapagy).

*Sapagyň mowzugy:*

Ikinji jahan urşy ýyllaryndaky poema eserlerini öwretmek.

**II. Sapagy görkezme esbaplar bilen gurallandyrmak.**

1. XX asyrdaky türkmen edebiýaty.
2. Ylmy işlerden peýdalanmak.
3. Görkezme gurallar: albomlar, ýatlamalar kitaby, ýerli gahrymanlardan ikinji jahan urşuna gatnaşan gahrymanlaryň suratlary, urşa gatnaşan frontçy şahyrlar we olaryň goşgular ýygyndysy.

**III. Sapagyn maksady:**

— Okuwçylaryň uruş döwründe döredilen türkmen poema eserlerine düşünjesini artdyrmak;

— Uruş döwründe döredilen poema eserleriniň üsti bilen urşa ýigrenç, parahatçylyga söýgi, Watana wepalylyk, adamkärçilik, edep-ekramlylyk, agzybirlik, doganlyk-dostluk häsiýetlerini kämilleşdirmek.

— Okuwçylaryň pikirlerini, duýgularyny, dil baýlygyny ösdürmek.

**IV. Sapagyň gidişi.**

1. Guramaçylyk döwri.

Okuwçylaryň gatnaşygyny, täzeligini anyklamak. Sapak geçmäge mümkinçilik döretmek.

2. Täze mowzuk.

Uruş döwründäki poema eserlerini öwrenmek.

Okuwçylara soraglar düşnükli bolmagy üçin synp tagtasyna ýazylyp goýulýar. Soraglar şeýle tertipde bolany makul.

1. Uruş ýyllarynda ýazylan poemalaryň ideýa-tematik ýönelişi.
2. Ç.Aşyrowyň poemalarynyň sýužeti.
3. B.Hudaýnazarowyň poemalarynda obrazlaryň döredilişi hakynda.
4. Şu döwürde döredilen poemalaryň ideýa-tematik aýratynlyklary.

---

[1] Ş.Allaniýazowa, K.Turdybaýew, K.Ýusupow. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011, 41-nji sah.



Şeýle soraglar auditoriýada orta goýulýar. Okuwçylar soraglara jogap berýärler. Her bir okuwçynyň beren jogaplaryna giňden üns berlip, soň beren jogaplaryna netije çykarylyp mugallym tarapyndan reýting esasynda bahalar goýulýar. Bahalandyrmak kriteriýasy berlen sowala okuwçy agzeki, ýatdan jogap berýän bolsa, ýa-da ýazmaça beýan edýän bolsa şol taraplaryna laýyk bahalandyrylýar. Sebäbi, okuwçy berlen soraga ýazuw üsti bilen özüniň pikirini bildirse, onda okuwçynyň ýazan beýanynyň stilistik we orfoepik ýalňyşlary hasaba alynmalydyr. Eger okuwçy berlen sowala dil üsti bilen, ýaguy agzeki görnüşde jogap berse, onda dil çeperçiligi, okuwçynyň söz baýlygy hasaba alynmalydyr[1].

**Birinji okuwçy:**

Uruş ýyllarynda türkmen poeziýasy baş žanrlardan bolup hasaplanýar. Lirika ösüp başlady. Bu ýyllarda poema degerli üstünlik gazanyp bilmedi. B.Kerbabaýewiň, Ç.Aşyrowyň we beýlekileriň poemalary peýda boldy.

Poemalaryň ideýa-tematikasynyň ýönelişi watany goramak, halklaryň dostlugyny suratlandyrmakdan ybarat boldy.

**Ikinji okuwçy:**

Ç.Aşyrow uruş ýyllarynda birnäçe poemalar ýazdy. Olardan «Ganly saka» uly ähmiýete eýe. Okuwçy poemanyň mazmuny hakynda az-kem maglumat berýär.

**Üçünji okuwçy:**

B.Kerbabaýewiň poemalaryny aýdyp berýär.

**Dördünji okuwçy:**

Ç.Aşyrowyň poemalaryny tematik-ideýa taýdan giň ösdürilendigini aýdýar.

**Bäşinji okuwçy:**

Şu döwür poemalarynyň göreş waklaryny suratlandyrýandygyny giňişleýin öz piikrleri bilen aýdyp berýär.

**Altynjy okuwçy:**

K.Gurbannepesowyň belli şahyr hökmünde birnäçe poemalar ýazandygyny we olaryň mazmuny barada gürrün berýär.

**Ýedinji okuwçy:**

Şu döwürdäki poemalarda sýužet meselesini düşündirýär.

Umumlaşdyryp aýdanymyzda pikir alyşmak sapagynda birnäçe okuwçylardan sorap ýetişmegimiz gerek bolýar. Her bir okuwçy degişli, degerli pikirlerini aýdyp barýar. Iň oňat jogap beren okuwçylara reýting esasynda ýokary baha goýmaly bolýar[2].

---

[1] Ş.Allaniýazowa, K.Turdybaýew, K.Ýusupow. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011, 42-nji sah.

[2] Ş.Allaniýazowa, K.Turdybaýew, K.Ýusupow. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011, 42-nji sah.

**Ýene-de bir meýilnama:**

**Sapagyň maksady:**

a) K.Gurbannepesowyň lirikasynyň ösüş ýönelişini, ugruny düşündirmek.

b) şahyryň poemasynyň terbiýeleýjilik ähmiýeti, e) şahyryň döredijiligini öwrenmek arkaly adamkärçilik, watansöýüjilik ideýalaryny kämilleşdirmek.

**Sapagyň mowzugy:**

K.Gurbannepesowyň poeziýa eserleri.

Klas tagtasyna birnäçe soraglar ýazylýar.

1. K.Gurbannepsow – lirik şahyr.
2. Şahyryň poeziýasynyň tematikasy.
3. Ynsanperwerlik hakyndaky goşgulary.
4. Zähmet hakyndaky eserleri.
5. «Aýal bagşy» poemasynyň obrazlaryna syn.
6. «Ýürek poemasy» eseriniň sýužeti.
7. K.Gurbannepesowyň poeziýasynyň çeperçiligi.

Okuwçylar bu soraglar boýunça öz pikirlerini bildirip başlaýarlar.

Olaryň aýdan pikirlerine mysallar getireliň:

**Birinji okuwçy:**

K.Gurbannepesow türkmeniň belli şahyry bolup hasaplanýar. Onuň goşgulary 40—50-nji ýyllardan başlap okyjylara hödürlenildi.

**Ikinji okuwçy:**

Şahyryň poeziýasynyň tematikasy örän giň. Ol adam ömri hakynda oýlanylýan goşgulary kän ýazdy.

**Üçünji okuwçy:**

K.Gurbannepesow watanperwerlik, ynsanperwerlik hakda kän eserleri döretdi. Ol «Döwür beýle däldir», «Gumdan tapylan ýürek» atly goşgy we poemalyryny ýazdy.

**Dörünji okuwçy:**

Şahyryň «Aýal bagşy» poemasynyň obrazlaryna syn berip başlaýar. Onda aýal maşgalanyň sungaty ähli zatdan ýokary edip goýandygy, gerek bolsa, öz ene garnyndaky çagasyndan-da geçendigi obrazly suratlandyrylypdyr, diýip özüniň pikirlerini beýan edýär.

**Altynjy okuwçy:**

Şahyryň «Ýürek poemasy» eseriniň sýužetinde güýçli konfliktiň berilişi we ol arkaly häsiýetiň açylyşyny öz pikirleri bilen düşündirýär.

**Ýedinji okuwçy:**

K.Gurbannepesowyň poeziýasynyň çeperçiligi hakynda gürrüň berip, şahyryň «Ömrüme pent» goşgusynyň çeperçilik aýratynlyklary barasynda öz pikirlerini aýdýar.



Pikir alyşmak sapagyny özbaşdak ýumuşlar bermek arkaly-da guramak bolýar. Mysal üçin, umumy orta bilim berýän mekdebiň 8-njy synpyna bagyşlanan XX asyrdaky türkmen edebiýaty okuw dersliginde poema eserlerini okuwçylaryň özbaşdak döredijilikli pikirlenmegine ýardam berýän ýumuşlary interaktiw usulda öwretmegiň meselelerine üns bereliň.

Döredijilikli ýumuşlar

VIII synp. Edebiýat

***Ýumuşlar:***

**1. 50—60-njy ýyllar türkmen poemalarynyň ösüşi nähili ýagdaýda boldy. Bu hakynda özleriňiziň pikirleriňizi ýazyň.**

2. Ýylan ýaly owsun atýar
Köz keteniň sary ýoly.

**Bu setirler K.Gurbannepesowyň haýsy poemasyndan alnan. Onda nähili çeperçilik serişdeler ulanylypdyr. Öz pikirleriňizi ýazyň.**

3. Namardyň namardy diýerler saňa,
Hem-de boýun egmez bu ýerler saňa.
Bu ýerler gorkagy gowrup gysýandyr,
Bu ýerde şeýle bir epgek öwüsýändir.

**Bu setirler B.Hudaýnazarowyň haýsy poemasyndan alnan. Onda näme hakynda gürrüň edýär. Öz pikirleriňizi ýazyň.**

Bu ýumuşlar okuwçylara taýýar zady aýdyp bermeýärler. Okuwçylaryň özi kelle döwýär, pikirlenýär, mugallymyň öwredenlerini ýada salýar, okan ýerlerinden mysallar getirýär, okywçylar biri-birine öwredýärler we biri-birinden öwrenýärler, meseläniň çözgüdini gözleýän, kynçylyklardan baş alyp çykyp bilýän, töwerek-daşy bilen maslahatlaşyp, bilelikde işleýän şahsyýete öwrülmegine kömek edýär.

Ýumuşlar ýaş aýratynlyrlaryna görä gitdigiçe çylşyrymlaşdyrylýar. Döredijilikli ýumuşlar diňe bir hat-ýazuw görnüşinde bolman, suratlar, dürli şekiller görnüşinde-de getirilýär. Kompýuter arkaly taýýarlanan şeýle okuw-görkezme esbaplary okuwçylaryň poema eserleri boýunça geçilen temalary hemişelik, berk ýatda saklamaklaryna uly ýardam edýär we poema eserlerini analiz etmegine mümkinçilik döredýär.

Edebiýat desinde poemalary okatmagyň şu hili usuly bu eseriň öwrenilişini okuwçylaryň umumybilim taýýarlyk derejesine, özleriniň erkin pikirlerini beýan etmegine mümkinçilik berýär. Sapagyň soňunda öz pikirlerini beýan edip derse aktiw gatnaşan okuwçylar bahalandyrmak kriteriýasy esasynda bahalandyrylýar.

Türkmen poemalaryny öwrenmegiň dowamynda konferensiýa sapagyndan peýdalanmagyň uly ähmiýeti bar. Mysal üçin, XX asyryň 70—80-nji ýyllaryndaky poemalary konferensiýa sapagy görnüşinde geçmegiň metodikasyna durup geçeliň:

«Konferensiýa sapagy — synpda we synpdan daşary geçilýän sapak görnüşi hasaplanýar. Berlen maksatnama materiallary konferensiýa bilen geçsek bu sapak oňyn netijäni berip biler. Ýagny, her bir okuwçy geçilen poema eseri barada doklad taýýarlap, eser hakynda erkin pikirini aýdyp berýär. Poema eserlerini çeper analiz etmek arkaly-da eser hakynda özüniň erkin pikirini aýtak mümkinçiligine eýedir»[1].

«Konferensiýa sapagynda geçilen poema eseriniň temasy, ideýasy, mazmuny, obrazlary, çeperçilik aýratynlygy, eseriň ähmiýeti barada okuwçylaryň özbaşdak pikir ýoretme, oýlanma endiklerini ösdürýär, olarda edebi eseri okamaga höwes döredýär»[2]. Konferensiýa sapagy okuwçylaryň dil we ýazuw sözleýşini ösdürmäge-de uly mümkinçilik döredýär. Mugallym konferensiýa sapagynda geçiriljek poema eserlerini saýlaýar. Mysal üçin meýilnama:

1. 70—80-nji ýyllardaky poemalar hakynda düşünje bermek.

2. 70—80- nji ýyllardaky poemalary öwrenmekde ylmy-nazary materiallary giňişleýin bilmek.

3. 70—80-nji ýyllardaky poemalary öwrenmekde okuwçylaryň gyzyklanmasyny artdyrmak.

4. 70—80-nji ýyllardaky poemalary öwrenmekde okuwçylaryň düşünjesini ösdürmek.

**Sapagy gurallandyrmak**:

1. Ylmy kitaplar.

2. Gorkezme gurallar: magnitofon, suratlar, albomlar. Şahyryň gosgular ýygyndysy. Prezentatsiýalar.

2. Guramaçylyk:

**Okuwçylar dokladlar boýunça şeýle bölüşdirilýär.**

1. 70—80-nji ýyllardaky türkmen poemalarynyň tematik ýönelişi.

2. 70—80-nji ýyllardaky türkmen poemalarynda obraz döretmek usssatlygy.

3. 70—80-nji ýyllar türkmen poemalarynyň tematikasy.

4. 70—80-nji ýyllardaky türkmen poemalarynyň çeperçiligi.

**Sapagyň gidişi.**

1. Mugallymyň giriş sözi (70-80- nji ýyllardaky türkmen poemalarynyň tematik ýönelişi, obrazlary barada)

2. Okuwçylaryň dokladlary:

[1] Ş.Allaniýazowa, K.Turdybaýew, K.Ýusupow. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011, 44-nji sah.

[2] Ýazymow O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991., 273-sah.



a) 70—80-nji ýyllardaky poemalaryň tematik ýönelişi boýunça maglumat berip geçýär.

b) B.Hudaýnazarowyň «Gyzgyn sähra» poemasynyň mende galdyran täsiri.

3. Dokladlar, eser boýunça okuwçylaryň çykyşlary.

4. Mugallymyň jemleýji sözi: (dokladlaryň, çykyşlaryň üstünlikleri, kemçilikleri we gelejekki wezipeler hakynda)

Okuwçylaryň konferensiýa sapagyna öňünden taýýarlykly, görkezme gurallar, plakatlar, prezentasiýalar, wideorolikler taýýarlap gelseler, onda sapak gyzykly geçer. Mugallym bu zatlary sapak geçmezinden bir-iki aý öň okuwçylara duýdurmaly, olaryň taýýarlanylyş usullaryny öwretmeli. Şeýle ýagdaýda poemalary bilmekde okuwçylarda ylmy gözgaraýyş hem peýda bolýar.

Umuman alanymyzda, bu interaktiw sapak usullary okuwçylara poema eserlerini giňişleýin düşündirmekde mugallyma metodik kömek bolýar.

## Soraglar we ýumuşlar

1. Liriki-epiki žanra nähili düşünýärsiňiz?
2. Poemalary okatmakda pedagogik tehnologiýanyň haýsy usullaryndan peýdalamak mümkin?
3. Pikir alyşmak sapagy näme?
4. Konferensiýa sapagy näme?

## Edebiýatlar


1. G u r b a n n e p e s o w K. Düýn, şu gün. Aşgabat, 1988
2. T u x l i e w B. Adabiýoti ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010.
3. Ý a z y m o w O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991.
4. Ş.A l l a n i ý a z o w a, K.T u r d y b a ý e w, K.Ý u s u p o w. Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Garagalpagystan», 2011

## TÜRKMEN POEMA ESERLERINI OKATMAGYŇ DOWAMYNDA METODLARDAN PEÝDALANMAK USULLARY

**Meýilnama:**

1. Türkmen poema eserlerini okatmagyň dowamynda kiçi toparlarda işleşmek sapagyny geçirmegiň usulyýeti.
2. Poema eserlerini öwretmekde gürrüň metodyndan peýdalanmaklygyň usulyýeti hakynda.
3. Problemany çözmek metodyny ulanmagyň usulyýeti barada.

**Daýanç düşünjeleri:** türkmen poema eserlerini okatmagyň dowamynda kiçi toparlarda işleşmek sapagyny geçirmegiň usulyýeti hakynda düşünje bermek, poema eserlerini öwretmekde gürrüň metodyndan peýdalanmagyň usulyýetleri hakynda düşunje bermek, poema eserlerini öwretmekde problemany çözmek metodlaryndan peýdalanmagyň usulyýetleri hakynda giňişleýin düşünže bermek.

Häzirki bilim we tehnikanyň ösen döwründe okatmagyň zamanagöý metodlaryny işläp çykmak zerurlygy zaman talabydyr. Şoňa görä-de, poema eserlerini öwrenmegiň dowamynda interaktiw metodlardan peýdalanmak iň ähmiýetli meseleleriň biri. Şu ýerde poema eserlerini okatmagyň dowamynda kiçi toparlarda işleşmek sapagyny geçirmegiň usulyýetine seredip geçeliň: «Balyklaryň agzynda kim şahyryň, haýsy poema eseri bar?» diýen sowal arkaly 8 sany agzy hatlyja balyjaklaryň suratyny çyzmaly.

Ýumuş: Balyjaklardaky poema eserleriniň janr we forma aýratynlyklaryny, olaryň kim şahyryň galamyna degişlidigini aýdyp beriň.

Interaktiw usulda kiçi toparlara bölünen okuwçylar öz toparlary bilen agzybirlikde poemalara degişli ýumuşy ýerine ýetirmäge girişýärler.

Taýýar bolanlaryndan soň, her topardan bir wekil tagta gelip, ýumuşyň taýýarlanan çözgüdini ýazyp görkezýärler.

Ähli toparlar ýazyp bolandan soň, okuwçylaryň haýsynyň berlen soraga dogry (nädogry) jogap berendigini aýdyň etmek maksady bilen tegelejik çyzgy görkezilip, olar şol tegelejik çyzgynyň içine ýerleşdirilýär.

Ýerine ýetiren işlerini çyzgy bilen deňeşdirip gören her bir okuwçy öz ýalňyşyna düşünýär we kimiň pikiriniň dogry ýa-da nädogrudygy açyk ýagdaýda tutuş synpa aýan bolýar.

Okuwçylara türkmen edebiýatyndan poemalary okatmagyň dowamynda okuwçylaryň häsiýetlerini oňat bilmek lazym. Şoňa seredip sapagyň dowamaynda metodlary ulanmak mümkin. Mysal üçin, poema eserlerini öwretmegiň dowamynda



gürrüň metodynyň ulanylyşyna seredip geçeliň. Bu usul sapagy okatmagyň dowamynda hereketjeň ulanylýar. Bu metody mugallymyň soraglary usuly diýip alsak-da bolýar. «Mugallymyň soragy her bir öwrediljän hem gaýtalanylýan materiallary okuwçylaryň ýadyna salmagy, ony nähili derejede özleşdirendiklerini barlamagy hem-de berkitmegi maksat edinýär»[1]. Mugallymyň beren soragy her bir öwrenilýän poema eseriniň okuwçylaryň çuňňur düşünmeklerini üpjün edýär. Şahyrlar B.Kerbabaýew, Ç.Aşyrow, B.Hudaýnazarow, A.Haýydow, K.Gurbannepesow we başgalaryň poemalaryny öwrenmegiň dowamynda bu metody sorag-jogap görnüşinde geçirmegiň usulyna seredip geçeliň.

**Sowal:** B.Kebabaýewiň poemalaryny aýdyp beriň?

**Okuwçy:** Şahyryň birnäçe poemalarynyň atlaryny sanap geçýär we olaryň mazumynyny gysgaça düşündirýär.

**Sowal:** Ç.Aşyrowyň poemalaryny aýdyp beriň?

**Okuwçy:** Ç.Aşyrowyň «Ganly saka» poemasyny gürrüň berýär.

**Sowal:** K.Gurbannepesowyň poemalary hakynda aýdyp beriň?

**Okuwçy:** K.Gurbannepesow türkmen poeziýasynda lirik we epik şahyr bolup hasaplanýar. Onuň birnäçe liriki we epiki poemalary bar. Okuwçynyň jogaby eşidilýär, diňlenilýär. Bu metod arkaly mugallym okuwçylara sorag berýär, olar jogap berýärler. Şeýdip, okuwçylaryň sapaga gyzyklanmasy, düşünjesi anyklanýar.

Mugallymyň soraglary şeýle meýilnama, görnüşde bolmagy mümkin.

a) ritoriki soraglar, b) gös-göni barlag üçin berilýän soraglar, w) gönükdiriji soraglar, g) umumlaşdyrma (sintetik) görnüşdäki soraglar.[2]

Şeýle hem okuwçylar-da mugallyma sorag berip, ondan gerekli düşünjäni almaklary-da mümkin. Meselem, sapak dowamynda A.Haýydowyň döredijiligini, onuň poema eserlerini öwretmegiň dowamynda okuwçylar şeýleräk sorag bermekleri mümkin.

**Sowal:** A.Haýydowyň şahyrlyk talanty hakynda düşündirip beriň.

**Mugallym:** A.Haýydowyň döredijiligi hakynda düşünje berip geçýär.

**Mugallym:** Şahyryň lirikasy çeperçiligi taýdan tapawutlanyp durýar. Lirikasynyň tematikasy giň.

**Sowal:** Şahyryň poemalaryna düşünje berip geçiň?

**Mugallym:** Şahyryň «Suw», «Şahyr», «Zamanamyzyň prometeóleri» atly poemalary bar. Her bir poemasy mazmuny sýužeti, kompozisiýasy, çeperçiligi taýyndan biri-birinden tapawutlanýar.

---

[1] Garaýew N., Garaýew Ý. Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Aşgabat, 2004, 22-sah.

[2] Garaýew N., Garaýew Ý. Mekdepde türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Aşgabat, 2004, 24-sah.

A.Haýydowyň poemalaryny okatmagyň dowamynda leksiýa metodyndan peýdalanmak köp netijeleri berýär. Şahyryň poemalaryny ylmy nazary esasda okuwçylara beýan edip berýäris. Bu metody ulanmak üçin materiallary gyzykly we göwrümine seredip täsirli gürrüň bermegi maksat edýäris.

Poema eserlerini öwretmekde diňe bir gürrüň, leksiýa metodlaryndan peýdalanmak bilen çäklenmän, dörediјilik metod, problemaly çözmek, barlag metody, wenna diagrammasy, klaster metolary-da ulanylýar. Mysal üçin, «Problemaly çözmek» metodynyň tehnikasy bilen tanyş bolalyň.

Problemany çözmek metody talyplary problemanyň ýa-da goýulýan meseläniň nämeden ybarat ekenligini anyklamaga, golaýly dogry çözgüt tapmaklyga taýýarlamak we gönükdirmek üçin ulanylýar. Olar basgyçlaýyn amala aşyrylýar.

**1-basgyç.** Problemany anyklap almak.

**2-basgyç.** Maglumatlary ýazarlamak, anyklamak we bahalamak.

Meselem, okuwçylara A.Haýydowyň «Şahyr» atly poemasyny öwretmekde problemany çözmek metodyna seredip geçeliň. Ilki bilen eserde öňe goýulan ideýany anyklap almaly, ýagny, eserde beýik şahyr Magtymgulynyň durmuşyny, onuň il-halkyň öňüne düşüp, ähli türkmen halkynyň agzybirligi üçin göreşýändigi beýan edilýär. Şundan soň eserdäki konflikt ýazarlanylýar, anyklanylýar. Ýagny, eserde waka: Magtymguly Hywadan gaýdyp gelýärkä, galtamanlar tarapyndan ýesir alynýar. Poemadaky Magtymguly obrazy zuluma, deňsizlige garşy goýlan obrazdyr, Şahyr munda ejizleriň tarapyny tutup çykyş edýär, ejize ganymy ýigrenýär. Ol ýesirlikde bolan döwründäki döreden şygyrlarynda watançylygy ýene bir gezek ýokary galdyrýar. «Watanymda han idim, hanlara perman idim, jansyzlara jan idim, neýleý indi biçäreýem»[1] ýaly täsirli goşgulary mysal getirýär. Okuwçylar poemadaky konflikti anyklap bolandan soň, eserden onuň çözgüdini ýazarlap tapyp, poemanyň kulminatsion nokadyny bilýärler we kompozisiýa arkaly eseriň çözülişini tapýar.

Tapylan problema we anyklanan çözgütler okuwçylar tarapyndan beýan edilýär we olar köpçülik tarapyndan bahalanýar.

Poema eserlerini okatmagyň dowamynda ulanylan her bir metodik usullardan soň okuwçylaryň beýan eden pikirleri, ýazmaça görnüşdäki materiallary reýting kriteriýasynyň kadalary esasynda bahalanylmalydyr.

Bulardan başga-da poema eserlerini okatmagyň dowamynda «aralaş sapak», «zig-zag», «Burçlar», «Ýazuw tegelek stol» ýaly interaktiw usullardan peýdalanmaga bolýandygyny häzirki okatmak usullary subut etdi.

---

[1] Türkmen edebiýatynyň taryhy. Aşgabat, 1982, 223-sah.



## Soraglar we ýumuşlar

1. Poemalary okatmakda interaktiw metodlardan haýsylaryny peýdalanmak mümkin?
2. Kiçi toparlarda işleşmek sapagy hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
3. Gürrüň metody sapagy okatmagyň dowamynda nähili ulanylýar?

## Edebiýatlar


1. G u r b a n n e p e s o w K. Düýn, şu gün. Aşgabat, «Türkmenistan»,1988
2. T u x l i ý e w B. Adabiýoti ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010.
5. Türkmen edebiýatynyň taryhy. Aşgabat, 1982
6. Ý a z y m o w O. Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, «Magaryf»,1991.

## NETIJE

Soňky ýyllarda ylym we tehnikanyň ösüşi umumy adamzat taryhyna garanyňdakydan has-da öňe gidendigi mälim. Bu bolsa jemgyýetçilik-ykdysady we bilimlendirmek ugurlarynda ähli zatlaryň uly depginde onaýly netije bilen ösmegine getirdi. Bilim ugrundaky öňegidijilikler we özgertmeler dünýä möçberinde habar beriş tehnologiýasynyň ösmegi arkaly amala aşyrylyp, olar bilim beriş gymmatlyklaryna, ýörelgelerine we usullaryna öz täsirini ýetirýär. Şeýlelikde, bu täsirlenme öz nobatynda umumy orta bilim mekdeplerinde okatmak we öwretmek protsesinde-de oňyn netijäni gazandy. Meselem, edebiýaty okatmak şonuň içinde, iri göwrümli janr bolan poemalary okatmakda täze pedagogik tehnologiýanyň usullaryndan ýerlikli peýdalanmak bu edebiýaty okatmagyň we öwretmegiň däp bolup galan usulynyň ýerine erkin sapak görnüşlerini geçmek has ýokary netije berýändigini öňde seredip geçdik.

Şonuň üçin biz bu gollanmada umumy orta bilim berýän mekdeplerde edebiýat sapaklaryny şonuň içinde poema eserlerini öwretmek usulyýetine aýratyn seredip geçdik. Barlaglardan gelnen netije, birinjiden, mugallym sapagyň dowamynda maksatnamada berlen çeper poema eserleri boýunça nazary bilim we terbiýe bermekde diňe okuw dersliklerindäki taýýar materiallar bilen çaklenip galmaly däldigi, oňa goşmaça ylmy metodik we pedagogik edebiýatlar bilen gollanmalary okap çykyp, onda beýan edilen üstünlikleri sapaga girizmekligi zerurdygyny häzirki pedagogikanyň talaplary tassyklaýar. Sebäbi, mugallym tarapyndan saýlap alnan poema eserleri okuwçylaryň bilim derejesi bilen ýaş aýratynlygyna gabat gelmeli hem-de okuwçylaryň döredijilik ukyplylygyny artdyrmalydyr.

Şundan soňra poemalary okatmagyň metodikasy meselesine ünsümizi çekip, poemalary sapak görnüşleri we metodlar arkaly öwrenmek okuwçylaryň türkmen poemalaryna bolan gyzyklanmasyny artdyrýandygyny aýdyňlaşdyrdyk we şeýle maksat bilen mysal hökmünde XX asyr türkmen edebiýatynda 50—80-nji ýyllar aralygyndaky poemalary sapak görnüşi arkaly öwrenmek usullaryna seredip geçdik.

Edebiýat sapaklaryny, şonuň içinde poema eserlerini okatmak arkaly okuwçylarda estetik we etik, watansöýüjilik, adamkärçilik duýgularyny ösdürip we kämilleşdirip barmalydygy okatmagyň iň ilkinji wezipelerinden biri ekenligini bu günki okatmak we öwretmek metodikasynyň konsepsiýasydygy hemmämize mälim..

Häzirki döwrüň talaplaryna görä, täze pedagogik tehnologiýalaryň maksatlaryna laýyk birnäçe interaktiw metodlaryň bardygy mälim. Poemalary okuwçylara düşündirmegiň dowamynda şu metodlardan ýerlikli peýdalanmak mugallymyň ussatlygyna, tejribesine bagly bolýandygy düşnüklidir. Şonuň üçin mugallym öz tejribesine baglylykda sapak dowamynda birnäçe interaktiw metodlary ulanmak mümkindigi bellenilip geçildi.



Jemläp aýdanymyzda, häzirki wagtda ýokary okuw jaýlarynda, litseýlerde, kesp-hünär kollejlerinde, umumy bilim berýän orta mekdeplerde interaktiw usullardan peýdalanyp okatmagyň dürli görnüşde, dürli usullarda tärler arkaly geçmek üçin uly mümkinçilikler bar. Bu ýagdaý bolsa ýaş nesliň hemmetaraplaýyn bilim almagyny üpjün edýär. Edebiýat mugallymy hem şeýle mümkinçiliklerden edebiýat sapaklaryny we şonuň içinde poemalary okatmakda-da şeýle usullardan we tärlerden ýerlikli peýdalanyp, olary okuw prosesinde ulansa, onda ýaş nesliň dünýägaraýşynyň, çeper edebiýat baradaky, poemalar hakyndaky düşünjesiniň has-da çuňlaşmagyna, ol barada pikirleniş ukyplarynyň ösmegine, erkin pikirlerini beýan etmek endikleriniň kämilleşmegine ýardam edýär. Sebäbi çeper eserler ýaş nesli terbiýelemekde bahasyz hazynadyr. Olary dogry we ýerlikli peýdalanmak bilen ýaş nesilde ýamany ýigrenmek, ýagşyny söýmek, öz pikirini sowatly beýan etmek, dil baýlygyny artdyrmak ýaly endikleri kemala getirmäge bolýandygyny häzirki pedagogikanyň esaslary tassyklap gelýär.

## GYSGAÇA SÖZLÜK

**Allegorik obraz** — Haýwanlaryň, ösümlikleriň, başga zatlaryň üsti bilen adam häsiýetini şöhlelendirýän obrazyna allegorik obraz diýilýär.

**Anafora** — Gaýtalamalar sözlemiň dürli ýerinde gelip biler. Ýöne olar köplenç sözlemiň başynda ýa-da ahyrynda gelýärler. Sözlemiň ýa-da şygyr setirleriniň başynda gelýän gaýtalamalara birmeňzeş başlangyç ýa-da anafora diýilýär.

**Antiteza** — Tutuş sözlemde beýan edilýän pikiriň täsirliligini güýçlendirmek üçin bir-birine gapma-garşy pikiriň ýanaşyk beýan edilmegine antiteza diýilýär.

**Biorgrafik metod** — Bu metod ýazyjynyň eserini onuň şahsy ömrüne, durmuş tejribelerine baglanyşdyryp öwrenýär, eserleri öwrenende ýazyjynyň şahsy ykdysady ýagdaýlaryna, onuň adamlar bilen duşuşyklaryna, psihologiýasyna köpräk üns berilýär, şolaryň esasynda hem netije çykarylýar.

**Žanr** — fransuz sözi bolup, ol türkmen dilinde hil, görnüş diýen manyny aňladýar. Žanr — durmuşy çeper suratlandyrmagyň hil taýdan tapawutlanýan formalarynyň özboluşly bir görnüşi.

**Komparatiwistik usul** — Grekçe comparare — deňeşdirme. Edebiýaty taryhy-deňeşdirme usul bilen barlag etmek.

**Konferentsiýa sapagy** — synpdan daşary geçilýän sapak görnüşi hasaplanýar. Berlen maksatnama materiallary konferensiýa bilen geçsek bu sapak oňyn netijäni berip biler. Ýagny, her bir okuwçy geçilen poema eseri barada doklad taýýarlap, eser hakynda erkin pikirini aýdyp berýär. Poema eserlerini çeper analiz etmek arkaly-da eser hakynda özüniň erkin pikirini aýtak mümkinçiligine eýedir.

**Lirika** — Lirikada durmuş wakalarynyň täsiri bilen liriki gahrymanda emele gelen duýgy, pikir beýan edilýär, ol hem gös-göni liriki gahrymanyň öz adyndan aýdylýar. Ýöne, liriki gahryman duýgusyny, pikirini ýüze çykaranda, ol şonuň bilen baglanyşykly durmuş wakalary, adamlaryň gapma-garşylykly hereketleri barada örän gysga hem-de köplenç epizodik häsiýetde maglumat berýär.

**Pikir alyşmak sapagy** — bu okuwçylaryň pikir-duýgularyny, pikirlenmek ukyplygyny ösdürip, edebiýata gyzyklanmany artdyrýar.

**Poema** — liriki we epiki häsiýetleri özünde jemleýän eserlere poema diýilýär.

**Syn etmek metody** — bu ähli derslerde ulanylýan hereketjeň metodlardan biri. Ol okuwçylaryň türkmen poeziýasy sapaklarynda, okuw dowamynda öýdäki we synpdan daşary işlerdäki işlerini synamak we olara analiz etmek, metodisler tarapyndan mugallymlaryň okadyşyny synlamak we barlamak ýaly usullary öz içine alýar.

**Edebiýaty okatmak metodikasy** — mekdepde çeper edebiýaty pedagogikanyň talaplaryna laýyk okatmagyň, öwretmegiň, terbiýe bermegiň esaslaryny we nazaryýetini işläp düzýär. Edebiýaty okatmagyň, ýagny edebi bilimiň maksady we



mazmuny hakyndaky ylymdyr.

Edebiýaty okatmak metodikasy dersi birinji nobatda gelejekki edebiýat mugallymlarynyň kesbi boýunça kämilleşmegi we ilkinji ussatlygy özleşdirip almak üçin mümkinçilik berýän dersdir.

**Edebi okuw** — Çeper eseri we çeper eserden bölekleri labyzly we intonatsiýaly okamak.

## GOŞMAÇA ÖZBAŞDAK IŞ ÜÇIN ÝUMUŞLAR

*K.Gurbannepesowyň «Ýürek» poemasy eserinden parça*

Bir başyň bar, müň işiň bar dünýäde,
Müň şükür! Ýykylyp galmaýşyň besdir.
Baryňa ýetmeli paýy-pyýada,
Tigirçek hökman däl –
Şu köwşüň besdir.

Bir köwşüň tozdumy – Ýene bir köwüş,
Ikinjiň tozdumy – üçünjä çalyş,
Her bagy çözlende ýer bilen emiş,
Toprak ajykdyrmaz –
Şol aşyň besdir.

Ertir bolmaz ýaly dilleriň peltek,
Täze menzillere ýetmeli entek,
Duşsa-da ýoluňda müň dürli kötek,
Diýme: «Dynç gulagym,
Aç başym besdir!»

Haýwana mahsusdyr – aç baş, dynç gulak,
Ynsana mahsus zat – döretmek, gurmak,
Döredilýän ýerde dynç almaz gursak,
Öň ene bagrynda
Dynç alşyň besdir.

Ýörmeli ýoluň gysgamy, uzak –
Durmak jenaýatdyr, ýatýança ýürek,
Diýýärler: «Ýüregi aýamak gerek!»
Dogrudyr
Ýöne öz aýaşyň besdir.

Ýürege girmezmiş ýüregin aýan,
Ýürek aýan – bermez iline peýan.
(Gapdalyňda barka bir tebip aýal –
Ýürek işlär.
Ýalňyz syrdaşyň besdir.)



Näçe dartylsa-da kebzände dammar,
Gözüň ejizligi bermesin habar,
Sagmyň, ýa näsagmyň – işiňi oňar,
Başda adam bolup
Döreýşiň besdir.

Öz seçen kärini oňarsa her kim,
Ýarpy ýeňledermiş dünýäniň ýükün.
Ýekeje hünäre ýöretseň hökün –
Iliňe bergidar bolmaýşyň besdir.

Sowal berdi student gyz Roza:
«Puşkin ýaly haçan ýazjak proza?»
Žogap berdim: «Ili goýman azara,
Goşgymy oňarsam,
Şol Işim besdir».

Ýene biri diýdi «misli Pyragy,
Sözleň merjeninden döret bir dagy!»
Men diýdim: «O zatlar möçberiňe bagly.
Dag däl,
Meniň üçin bir Daşam besdir!»
Nanyňy
goşgudan berse-de ykbal,
Goşgudan öň
adam bolmagyň hökman!
Sygyr bilen uly ynsap birikmän –
Şahyr-da, ynsanda bolmaýşyň besdir.
Ak bilen garadyr garagyň reňki.
Şolaň haýsy seniň ýüregiň reňki?
Birisini saýlap, diýme «Şu meňki!»
Iller Aýdar –
Birje ýylgyryşyň besdir.

Ömrüňde etdiňmi kişä bahyllyk?
(Ili bahyllykdan gorar Şahyrlyk!)
Dünýäde bir müýnüň – aşyk Tahyrlyk.
Täk däl,
Goşa söýgä ýugrulşyň besdir.

Nirelerde ýörsüň, ilkinji söýgi?
Bir ýerlerde barmyň gyzlaryň tugy?
Gumdan owaz geldi: «Eý, ýşkyň ogly,
Men bar.
Ýöne maňa guwanşyň besdir!»...

...Şeýdip pähim ýygnap söýgüden söýgä.
Ýetdiň on üç sany gülälek çaga.
Şolardan bäşisin gömüp ak çägä,
Bäş gezek
Gizlenip aglaşyň besdir.
Gülüber, işläber, saýraber, Şahyr.
Hyjuwyň hiç haçan bolmasyn ahyr!
Bäşinji müçede diýipdir jahyl,
Dünýäniň mährinden
Doýmaşyň besdir.
Kalp däldir mähirsiz, söýgüsiz kalp.
(Beýle kalp ýa boşdur, ýogsa-da galp!)
Bir uly ýygnakda ör boýuna galyp,
Diýdi biri:
«Şahyr, saýraşyň besdir!»...

*Aşgabat, 1981-82.*

Kerim Gurbannepesowyň «Düýn, şu gün» (Aşgabat, 1988) atly kitabyndan alyndy.

## KERIM GURBANNEPESOWYŇ «ÝÜREK» POEMASYNY ANALIZ ETMEK BOÝUNÇA SORAGLAR WE ÝUMUŞLAR

1. K.Gurbannepesowyň «Ýürek» poemasy atly eserini okadyňyzmy?
2. Şahyryň bu eseri nähili poema?
3. «Ýürek» poemasy atly eserde näme hakynda gürrüň edilýär?
4. Poemanyň ideýa-mazmunyny gürrüň beriň.
5. Poemada liriki gahryman hakynda gürrüň beriň.
6. Eserde şahyr suratlandyrmanyň dialog usulyny ulanypdyrmy? Ol eseriň nirelerinde duş gelýär?
7. Eserdäki personaž gahrymanlar hakynda aýdyp beriň.
8. Eserdäki konflikt we onuň sýužetiň ösüşine nähili täsiri bar?
9. Poemada sýužetiň elementlerini sanap aýdyp beriň.



10. Eseriň kompozision gurluşy hakynda gürrüň beriň.
11. Eseriň çeperçilik serişdeleri nämelerden ybarat.
12. Eserde şahyr nähili çeperçilik serişdelerinden peýdalanypdyr?
13. Eseri ýazmakda şahyryň ussatlygy nämelerde göze düşýär?
14. Çeper eseriň stili hakynda gürrüň beriň.
15. Eseriň dili barada gürrüň beriň.
16. «Ýürek» poemasynda poetiki sintaksisiň ulanylyşy nähili we onuň eseriň çeperçiligindäki ähmiýetini aýdyp beriň.
17. K.Gurbannepesowyň «Ýürek» poemasy eserini analizläň.
18. K.Gurbannepesowyň «Ýürek» poemasy eseri şahyryň «Aýal bagşy», «Gumdan tapylan ýürek», «Taýmaz baba» ýaly poema eserlerinden çeper stili boýunça nähili tapawutlanýar?
19. Şahyryň eserinde haýsy halkyň edebiýatynyň edebi täsiriniň bardygy duýulýar?
20. Eserde häsiýeti açmakda nähili çeper usullar ulanylypdyr?.

### Türkmen edebiýatyny okatmak metodikasy boýunça özbaşdak iş üçin testler

**1. Edebiýat predmeti nämä hyzmat edýar?**

A) okuwçylara edebi bilim bermek
W) Okuwçylary kitap okamaga taýýarlaýar
S) Okaýyş tertibini owredýar
D)Terbiýä gönükdirýär.

**2. Çeper edebiýat name?**

A) Labyzly okamak
W) Teoriýany öwrenmek
S) Kesgitleme bermek
D) söz sungaty, ideologik ýarag

**3. Çeper edebiýatda durmuş wakalary nähili suratlandyrylýar?**

A) obrazly suratlandyrylýar
W) hasiýetleri umumlaşdyryp, tipikleşdirip suratlandyrylýar
S) real suratlandyrylýar
D) romantiki suratlandyrylýar

**4. Edebiýaty okatmak metodikasy mekdepde nähili bolýar?**

A) obrazly bolýar
W) pedagogikanyň talaplaryna laýyk, teoriýany işläp düzýär.
S) çeperleşdirip berýär
D) resmileşdirip berýär

**5. Edebiýaty okatmak metodikasy näme?**

A) Çeper eser
W) Ylmy eser
S) edebiýaty öwretmek boýunça pedagogik ylym
D) Tehniki ylym

**6. Edebiýat mugallymynyň hyzmaty nämeden ybarat?**

A) edebiýaty okatmagyň birnäçe metod we usulyýetlerini salgy berýär
W) Labyzly okamaklygy öwredýär.
S) Çeperleşdirip okamagy öwredýär
D) Erkin okamaklygy öwredýär.

**7. Edebiýaty okatmak metodikasynyň öwrenýän zady näme?**

A) subekti öwrenýär
W) meseläni öwrenýär
S) özboluşly obýekti öwrenýär.
D) Usyly öwrenýär.

**8. Edebiýaty okatmagyň obýekti name?**

A) okuw-metodik proses
W) Okuw dowamy
S) Meseläni aýdynlaşdyrmak
D) Real çözmegi öwrenýär.

**9. Häzirki pedagogik tehnologiýada ulanylýan «akyla hüžüm» interaktiw metody nähili?**

A) talyp sowal berýär
W) Mugallym jogap berýär
S) Auditoriýada belli bir gyzykly mesele boýunça soraglar goýulýar we talyp öz pikirini aýdýar
D) talyplar arasyndaky dialog



**10. Edebiýaty okatmak metodikasy haýsy ylymlar bilen baglanyşýar?**

A) Çet dili
W) Filosofiýa
S) Pedagogika, dil bilimi
D) Fizika, matematika

**«Bilýärin, bilesim gelýär, bildim» interaktiw usulynda poemalary öwretmek**

**Tertibi:**

Okuwçylara tablitsany işlemek tertibi bilen tanyşdyrylýar;
Bu mowzuk boýunça näme bilýäňiz?, Başga nähili maglumatlara eýe bolmagy isleýärsiňiz? Mazmundaky soraglara jogap berilýär.
Bu esasynda soňky işlere gönükme berilýär.
Tablitsanyň üçünji bölegine öwrenen maglumatlaryňyzy ýazýaňyz.
Birlikde we jüplükde işlenýär

**Tablisa B/B/B**

| Bilýärin | Bilesim gelýär | Bildim |
|---|---|---|
| 1. Lirika we kyssa bilen ýazylan eserlere poemalar-diýilýär. | 1. Poemalarda obrazlaryň suratlandyrylyşy hakynda bilesim gelýär. | Okuwçy öz pikirini ýazmaly |

«WENNA DIAGRAMMASI» usuly esasynda poemanyň özüne mahsus žanr hasiýetini anyklamak.











## PEÝDALANYLAN EDEBIÝaTLAR


1. ***Karimow I. A.*** Tariýhiý hotirasiz kelajak ýuk. «Mulokot» jurnali, 1998, N5
2. ***Karimow I. A.*** Ýangiça fikrlaş wa işlaş-dawr talabi. 5 t. Toşkent, «Uzbekiston», 1997
3. ***Karimow I.A.*** Istiklol we manawiýat. Toşkent, «Uzbekiston», 1991.
4. ***Karimow I.A.*** Buýuk maksad ýulidan ogişmaýlik. Toşkent, «Uzbekiston», 1993.
5. ***Karimow I.A.*** Watan sajdagox kabi mukaddasdir. Toşkent, «Uzbekiston», 1995.
6. ***Karimow I.A.*** Bizdan ozod wa obod Watan kolsin. Toşkent, «Uzbekiston», 1996
7. ***Karimow I.A.*** Barkamol awlod uçun. Toşkent, «Uzbekiston», 1999.
8. ***Aliýew A.*** Maktabda ýozuwçi uslubini urganiş. Toşkent, «Ukituwçi», 1977
9. Adabiýot ukitiş metodikasy. (kollekti awtorlar). Toşkent, 1992.
10. ***Allaniýazowa S., Turdybaýew K., Ýusupow K.*** Pedagogikalyk praktika. Nökis, «Karakalpakstan», 2011
11. ***Axmetow S., Paxratdinow Ä., Pirnazarow A.*** Karakalpak ädebiýatyn okytyw metodkiasy. Nökis, 1988.
12. Bilim ulgamyny kämilleşdirmekde täze tehnologiýalaryň orny we okatmagyň häzirki zaman usullary. (Makalalar toplumy). Aşgabat, «Ylym», 2008.
13. ***Badriýew F.*** Ýukori sinflarda adabiýotdan synfdan taşkari işlar. Toşkent, «Ukituwçi», 1969
14. ***Gurbannepesow K.*** Düýn, şu gün. Aşgabat, «Türkmenistan», 1988
15. ***Zunnunow A., Esonow Ž, Ibraximow A.*** Adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, «Ukituwçi», 1992
16. ***Zunnunow A., Xotamow N., Esonow Ž.*** Maktabda adabiýot ukitiş metodikasi. Toşkent, «Ukituwçi», 1993
17. ***Zunnunow A.*** Badiiý asar tahlili. Toşkent, «Ukituwçi», 1969
18. ***Niýozmetowa T.*** Adabiýot darslarida mustakil işlaş. Toşkent, «Ukituwçi», 1984
19. ***Ahally C., Garaew N., Maşakow H.*** Ene dilini okatmak metodikasy. Aşgabat, 1967.
20. ***Koňyratbaew A.*** Ädebiýatty okytyw metodikasy. Alma-ata, 1966.
21. ***Pirliýew G., Söýegow M., Saryhanow M., Gulbaýew G.*** Türkmen dili. VI synp üçin okuw kitaby. Aşgabat, 1996
22. ***Myradow A.*** Metodika we studentleriň praktikasy. Aşgabat, 1991.
23. ***Tuxliew B.*** Adabiýoti ukitiş metodikasi. Toşkent, 2010.
24. ***Ýazymow O.*** Edebiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1964.





25. ***Ýazymow O.*** Edebitiýaty okatmak metodikasy. Aşgabat, 1991.
26. ***Paxratdinow Ä.*** Karakalpak ädebiýatyn okytywdyň geýbir metodik mäseleleri. Nökis, 1991.
27. ***Sultonow B., Tilegenow A., Boýnazarow F.*** Ýangi pedagogik tehnologiýa asoslari. Toşkent, 2007.
28. Halyk bilimlendiriwi – gärezsizlik jollarynda. Nökis, «Karakalpakstan», 2001

## MAZMUNY


Giriş ........................................................................................................ 3
Türkmen poema eserlerini öwretmegiň ylmy-nazary esaslary ................................ 5
Türkmen poema eserlerini öwretmegiň metodikasy ............................................ 13
Türkmen poema eserlerini öwretmegin dowamynda metodlardan peýdalanmak usullary ........................................................................ 20
Netije ........................................................................................................ 24
Gysgaça sözlük ........................................................................................... 26
Goşmaça özbaşdak iş üçin ýumuşlar. *K.Gurbannepesowyň «Ýürek» poemasy eserinden parça* ........................................................................ 28
Kerim Gurbannepesowyň *«Ýürek» poemasy analiz etmek boýunça soraglar we ýumuşlar* ........................................................................ 30
Türkmen edebiýatyny okatmak metodikasy boýunça özbaşdak iş üçin testler ........................................................................................ 31
«Bilýän, bilesim gelýär, bildim» interaktiw usulynda poemalary öwretmek ........................................................................................ 33
«Wenna diagrammasi» usuly esasynda poemanyň özüne mahsus žanr hasiýetini anyklamak. ........................................................................ 34
Peýdalanylan edebiýatlar ........................................................................... 36




Ogulbaý Gaýlyýewa, Saýat Jepbarowa

# TÜRKMEN POEMA ESERLERINI OKATMAGYŇ KÄBIR USULYÝETLERI

*(Türkmen edebiýatyny okatmak metodikasy dersinden Bakalawr ýönelişi üçin okuw-metodik gollanma)*


Nöküs
«Bilim» 2013

Redaktory *R. Palwaniýazowa, Ş.Saparowa*
Körk. redaktory *I. Serjanow*
Teh. Redaktory *Z. Allimuratow*
Operatory *K. Atabaew*

**Licenziýa AI № 108, berilgen wakty 2008-jyl 15-iýul. Müddeti 5 jyl.**

Çap etmäge rugsat edilen wagty 05.06.2013. Ölçegi 60x84 1/16. Kegi 10. «Times New Roman Ce» garniturasy. Göwrümi 2,5. çap listi. 3,05 hasap listi. Zakaz B–28. Nusgasy 200 sany.

«Bilim» neşirýaty, 230100. Nöküs şäheri, Garagalpagystan köçesi, 9-njý jaý.

«FARMA PRINT NUKUS» JÇZ tipografiýasynda çap edildi.
Salgymy: Nöküs säheri, A.Dosnazarow köçesi, 18-nji jaý.